
Söýgüliler güni däl, zyna güni.



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

14-nji Fewral nireden gelip çykdy we kimleriň baýramy?

Bu baýram öz aslyny butparaz köp taňryly Grek, Rim taryhyndan alyp gaýdýar. Rimlileriň Hristianlygy kabul etmegi biler bu gün Hristianlaşdyrylýar we bu baýrama Hristian din adamy bolan Walentiniň (St. Valentine's Day) ady dakylýar.

Gadymy Rimda 15-nji Fewral gününi, olara görä bereket taňrysy bolanLuperkusyň hatyrasyna, Luperkalia güni bellenýärdi. Ol gün din adamlary ol taňrylarynyň ýoluna geçi gurban ederdiler. Soňra bolsa, gurban edilen geçiň derisiniň bir bölegini kellelerіniň üstüne goýup, göýä Luperkusy temsil edip, Rimiň köçelerinde yglap öňünden çykan her kimi ellärlerdi. Ýaş gyzlar bolsa, özlerini elletmek üçin öňe atylyp, göýä bereket taňrysyndan paý almaga çalyşarlardy. Olaryň ynanjyna görä beýle etmek, dogurganlygy artdyrýardy.

Luperkalia baýramynyň bir gün öň ýany ýagny 14-nji Fewralda ýaş oglanlar gyzlaryň ady ýazylgy bolan kagyzlardan bije çekerlerdi we haýsy gyzyň ady çyksa baýram gutarýança şol gyz bilen bile bolarlardy. Bu gün ýaşlaryň ilkinji jynsy gatnaşyga girip görýän günleridi.

Hristian din adamlarynyň soňradan bu däbi gadagan edip, gyzlaryň ady ýazylgy kagyzlaryň ýerine diňe Hristian din adamlarynyň atlary ýazylgy kagyzlary sowgat bermäge rugsat beryärler.

Walentin güni diýilmeginiň sebäbi, Rimde bir gyz bilen gizlin aragatnaşyk saklan we şol sebäpli ölüm jezasy berlen Hristian din adamy bolan Walentindir. Walentiniň 14-nji Fewralda öldürilenligi belläp geçilýär.

Şeýlelikde aslyny Rim butparazlaryndan alyp gaýdýan we zyna güni bolan 14-nji Fewraly Hristanlaşdyrmak üçin amatly pursat döreýär.

Şonuň üçin Papa Gelasius 14-nji Fewral gününi, Walentiniň hatyrasyna bellenilýän gün yglan edýär.

Käbir maglumatlara görä Walentin ölüm jezasy berilmäge äkidilende, söýgülisine bir kagyzda hat ýazyp goýanlygy aýdylýar. Walentiniň adyny göteryän kagyzlar bolsa, şonuň bilen baglanyşdyrylýar.

1800 ýylda bu baýramyň Amerika barmagy bilen bu baýram dünýäniň her ýerine ýaýraýar we ýazgyly kartlaryň, gülleriň ýagny dürli sowgatlaryň satylýan, gazançly baýramyna öwrülýär.

Bu baýramyň döreýişi barada başgada dürli taryhy maglumatlar we hekaýalar bar.

Bu baýramyň aslyny Grek, Rim butparazlygyndan alyp gaýdýanlygy, zynanyň, deýýuslygyň, binamyslygyň nyşanydygy we soňradan Hristianlaşdyrylanlygy bolsa, anykdyr.

Bilişimiz ýaly Yslamda musulmanlara kapyrlara meňzemek, olaryň däp-dessuryny, edim-gylymlaryny ýörelge edinmek alymlarymyzyň bir agyzdan kabul etmegi bilen haramdyr. Çünki daş-keşpdäki meňzeşligiň kalba, ynanja täsiri bardyr. Bir zady gaýtalamak, ol zada öwrenişmäge we kalpdan oňa razy bolmaga eltýändir.

Allah Tagala aýatda:

وَلاَ تَرْكَنُواْ إِلَى الَّذِينَ ظَلَمُواْ فَتَمَسَّكُمُ النَّارُ وَمَا لَكُم مِّن دُونِ اللهِ مِنْ أَوْلِيَاء ثُمَّ لاَ تُنصَرُونَ

“Zulum ýoluny tutan kimselere meýil etmäň. Beýle etseňiz, size dowzah ody deger. Siz üçin Allahdan özge dost ýokdur. Soňra (ýagny zalymlara eýerseňiz) size ýardam berilmez.” [1]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär:

مَنْ تَشَبَّهَ بِقَوْمٍ فَهُوَ مِنْهُمْ

“Kim bir millete meňzese, ol hem olardandyr.” [2]

Alymlar bu hadysyň düşündirişinde: Musulmanyň ynançda, ybadatda, ahlakda, özüni alyp barşynda, söz we adatlarynda kapyrlara meňzemegi, olara eýermegi, olaryň agzyna öýkenmegi haramdyr diýip, şerh edendirler.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem):

ليس منا من تشبه بغيرنا، لا تشبهوابالیهود ولا بالنصارى، فإن تسليم اليهود الإشارة بالأصابع، وتسليم

النصارى الإشارة بالأكف

“Bizden başgasyna meñzeýän bizden däldir. Ýahudy we hristianlara meñzemäñ. Çünki ýahudylar salamlaşanlarynda barmaklary bilen yşarat ederler, hristianlaryñ salamy bolsa, elleriniň aýasy bilen yşarat etmekdir” [3]diýýär.

Özüne Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) ymmaty diýýän kişileriň arasynda, edil kapyrlar ýaly bolup olara eýeryän, olaryñ edenini edýän, olaryñ baýramlaryny belleýän kişiler barada, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) näme diýerdi? Kapyrlaryñ salam berişi ýaly salam bermegi gadagan edip, ony olara meñzemek diýip atlandyran Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) öz ymmatynyñ içinde kapyrlaryñ baýramyny edil kapyrlaryň belleýişi ýaly edip belleýänleri görse näme diýerdi?

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem):

ليس منا من عمل بسنة غيرنا

“Kim bizden başgasynyñ sünneti (ýörelgesi, adaty) bilen amal etse bizden däldir”[4]

Kimde-kim Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetini taşlap, sünnete ters bolan zatlara amal etse, ýahudy we hristianlaryñ adatlaryna eýerse, gymmatly, faziletli, üstünlik bolan zady taşlap, kapyrlaryñ zerre ýaljak hem gadyr-gymmaty bolmaýan zatlarynyñ yzyna düşse we olary gowy görse, bu kişi özüne musulman diýsede, Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýolundan çykan kişidir.

Uly alym meşhur Ibn el-Kaýýim (rahimehullah) şeýle diýýär:“**Kapyrlary simwollary (baýramlary) mynasybetli gutlamak alymlaryñ bir agyzdan aýtmagy bilen haramdyr. Bu diýmek ýagny olara “baýramyñ mübärek bolsun” ýa-da “baýramyñ gutly bolsun”ýaly zatlar aýtmakdyr. Buny diýen kişi bu söz sebäpli kapyr bolmasada, haram işi etdigi bolar. Bu bir Hristiana haja (kresta) sežde edenligi üçin gutlamak ýaly zatdyr. Hatda (kapyryñ baýramyny gutlamak) bir kişini şerap içenligi, adam öldürenligi, zyna ýaly uly günä edenligi üçin gutlamakdan has beterdir. Diniň gadryny bilmeýän we bu işiñ erbetliginden habary bolmaýan köp kişi, bu günä sezewar bolarlar. Bir kişini günäsi ýa-da bidgaty ýa-da küfri sebäpli gutlan kişi, hökman Allahyñ gazabyna duçar bolar.**” [5]

Ibn Kaýýimiň (rahimehullah) sözlerine üns bersek, kapyrlaryň baýramyny belleýäniň dälde, eýsem olaryň baýramlaryny gutlaýanlaryň nähili erbet iş edýändiginden habar beryär. Hut özi kapyrlaryň baýramyny belleýän kişiň ýagdaýynyň nähilidigini pikirlenip görüň!

Kapyr halklaryň baýramyny bellemek, belli bir derejede öz ynanjyňdan, däp-dessuryňdan, medeniýetiňden ýüz öwürmegiň bir görnüşidir. Bu baýramy belleýänler sözleri bilen muny tassyk etmeselerde, kapyrlaryň baýramyny bellemek bilen ýagny hereketleri bilen buny tassyk edýärler.

Bu meselede gowşaklyk görkezmeli däldir. Bir sowgat bilen, gutlag söz aýtmak bilen näme zyýany bar diýmeli däldir.
Uly otlaryň başda göze ilmeýän uçgunlardan emele gelýänini ýatdan çykarmaly däldir.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Hud 11/113.

2-Ebu Dawud, Şeýh Albani sahyh diýdi.

3-Tirmizi. Şeýh Albani sahyh diýdi.

4-Taberani, el-Mujemul-Kebir, 1/118. Şeýh Albani hasen diýýär: es-Silsiletus-Sahiha, 5/193.diýýär.

5-Ahkamu Ehli-Zymme.Muhammed bin Salih el-Useýmin, Mejmuu Fetawa we Rasail, 3/44.